# Interwýu / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Interwýu / satiriki hekaýa INTERWÝU



Döwliniñ haçandan bäri klub müdiri bolup işläp ýörenini hiç kim bilenokdy. Hatda onuñ özem bu soraga jogap berjek bolanda ýaýdanjyrardy. Oba adamlarynyñ degşip: «Aý, biz-ä bilemizok welin, ol dünýä bäri şol ýerinde işläp ýörmüşin» diýýänlerem bardy. Hawa, hakykatdanam Döwli bu ýerde indi köpden bäri işleýärdi. Bakyda duran malyñ eýesi bilen öwrenişişi ýaly, indi Döwli hem bu iş bilen halys öwrenişipdi. Onuñ işine «ezberligini» diýsene! Öýde ýatan ýerinden etmedik işini etdim diýip, hasabat bermäni dagy eşekden palan alança-da görmezdi.
Döwli kluby açmak üçin gelende, gün eýýäm guşluk bolupdy. Ol açaryny gözläp, jalbarynyñ jübüsine elini sokdy. Döwliniñ gapdal jübüsi edil dyzyna ýetip ýatyrdy, onuñ içinden kinniwanja açar tapmak dagdan mumyýa tüpeñländen añsat däldi. Döwliniñ jübüsini obada käbir adamlar ölçeg birligine meñzetse, ýene biri ony ýiten zatlaryñ saklanýan ýerine meñzederdi. Şonuñ üçinem Döwlini tanaýan adamlar haýsydyr bir zadyñ mukdary hakynda gürrüñ etseler «Döwliñ jübüsi bilen ölçäniñde, näçe jübi boljak?» diýip sorardylar ýa-da biri zadyny ýitiren bolsa, oña «Döwliniñ jübüsini barlap gördüñmi, şoñam-a jübüsinde adamdan başga zat barmyşyn» diýip gülşerdiler.
Dogrudanam, onuñ jübüsiniñ boş wagty ýokdy, haçan görseñ, gurbaga ýuwdan ýylanyñ böwri ýaly pökgerip durdy. Häzirem onuñ ilkinji eline ilen zat gyrasy kenaraly uly ak ýaglyk boldy. Ol ony çykardy-da, mañlaýynyñ burçak-burçak bolup duran derini

syldy. Soñra ol ýene-de elini jübüsine sokdy. Bu gezek onuñ «toruna» düşen zat iki ýüz gramlyk stakandy. Ol stakany görüp, birhili gultunyp gitdi. «Be, içigara öýde galaýdymyka, diýip, jübüsini silkeleşdirdi. Onuñ jübüsindäki zatlar mekdebiñ jañy ýaly, alazenzele bolup seslendi. Gözlegler özüniñ oñat netijesini berdi. Ol ep-esli sermeneninden soñ, bir topbak açary penjeläp jübüsinden çykardy. Döwliniñ kluby açjak bolup çemeleneni hem şoldy welin, onuñ özüne tarap ýetip gelýän adama gözi düşdi. «Beh, şu adamlaram suwumsyz bolupdyrlar-ow, açaryña mähetdel, sokjarylyp gelýärler. Hamala diýersiñ, bu ýerde akyp ýatan bal bar ýaly» diýip, ol hüñürdedi. Onýança ol adam gelip ýetdi.
– Salam! Bagyşlañ, siz klub müdirimi? – diýip, gelen adam Döwliden sorady.
Ol sesini çykarmady. «Hawa» diýen manyda baş atdy.
– Men oblast gazetinden Saparow, interwýu almaga geldim – diýip, ol özüni tanatdy.
– Wiý, onda salawmaleýkim, ýoldaş Saparow. Geçiñ, geçiñ, oturyñ – diýip, Döwli göwresine gelişmeýän çalasynlyk bilen habarça elini uzatdy. – Inwentar almaga gelen bolsañyz, inim, şujagaz ýerde hojalyk harytlary magazini bardyr, barar gaýdaýarys. Magazinçi tanyş oglandyr, añrujy bir zady bar bolsa, özüne goýanam bolsa tapdyrarys. Arkaýyn bolaý- diýip, ol sözüniñ üstüni ýetirdi.
Habarçy zordan gülmän saklandy. Atylan okuñ nyşana dogry degmänliginy añyp, ol özüniñ nämüçin gelendigini has sadarak dilde düşündirjek boldy.
– Döwli aga, şu günlerki alyp barýan işleriñiz bilen baglanyşykly üç-dört sany soragym bardy, gazetimiziñ okyjylaryna şolar barada gürrüñ beräýseñiz oñat bolardy. Magazine-de gitsek, soñ gider ýörerdik-dä – diýip, Saparow sypaýyçylyk etdi.
– Öz işim barada gürrüñ bermeli bolsa, oñ ýarasy ýeñil-le. Ýogsa-da, sizem ýadap gelensiñiz, ýoldaş nämäýew, ä-ä ýoldaş Saparow, gowusy, ýörüñ öýe baralyñ, dem-dynjyñyzy alarsyñyz, hemem näme soragyñyz bolsa çaý başynda düşünişerdik-dä. Hä, nähili görýärsiñiz – diýip, klub müdiri habarça özüniñ hyzmatyny hödürledi…
Ol edilen hezzet-hormat üçin müñ keren alkyş aýdyp, özüniñ ilkinji soragy bilen Döwlä ýüzlendi.
– Ynha, şu günler sizde pagta ýygymyñ iñ gyzgalañly döwri,

kolhoz önümçiligi bilen nähili aragatnaşyk saklaýarsyňyz, ine şol barada birki agyz gürrüň beräýseňiz – diýip, Saparow nämedir bir zatlar belleşdirmek üçin elindäki bloknotynyň gatyny açyşdyrdy.

Döwliniň gökdäki dilegi ýerde gowşana döndi. Ol soragyň berlerine öňdenem garaşyp oturan ýaly, haýal etmän gürrüňe başlady:

– Biziň kolhoz önümçiligi aragatnaşygymyz diýseň oňat. Ynha, hut häzirjegiň özünde-de kluby bir açdym adyny etsem, pagtaçylaryň üstüne gideýin diýip durdum. Meýdana çyksaň hezillik, birhili göwnüň açylýar. Dogrusyny dogry aýtmaly, henize çenl-ä öňdebaryjy brigada bilen yzda galak brigadanyň duşuşygyny geçirip bilemzok. Elbetde, onuňam özüne ýetesi sebäbi bar. Häzir bizde aýratyn öňe saýlanyp, ýa-da yza galyp barýan brigada ýok diýýärler, olaň hemmesem bir gyradeň barýamyş. Ýöne şu ýyl Allanazaryň brigadasy weli yza galar diýip, ähli kişi gürrüň edýär. Oň başlyk bilen ugry ýokmuş. Şonuň üçinem ony başda suwdan birneme kösänmişler. Pagtanyň ýagdaýyny özüň bilýäň, sähel suwuny kem etseň, neresse çaga ýaly süllerişip otyr. Dogrusy, men özüm-ä baryp göremok, ýöne iller şeý diýýär. Onsoňam: «Il agzy keramat» diýipdirler, belki, şeýle-de bolsun-da. Onsoň näme, biziňki hezillik, beýleki brigadalar bilen ýaňky yzda galjak brigadanyň gezekleşdirip duşuşygyny geçirip ýörmeli.

Ýogsa-da, bkzi her aýda bir gezek raýona ýygnaga çagyrýarlar. Hemmesine baryp bilmesegem, iki aýdan üç aýdan barjak bolýas, işem köp bolýar. Ýöne her gezek baraň-da, şol bir aýdylýan zatlar. Meýdan düşelgelerine gündelik gazet-žurnal eltip durmaly diýip, gulagyňy kamata getirýärler. Walla, halus peteň-bizaryňy çykarýar-laý. Meň özümiň-ä şoňa kän pisindim oturanok. Bu wagt, tüweleme, adamlar gaty hatly-sowatly bolupdyrlar, onsoňam her kim öýüne goş ýazdyryp dünýäň gazet-žurnalyny alýar, how. Goý, öýlerinde-de okasynlar-da! Dogru-da walla. Sen, inim, gazetçi bolsaň belläp goý, biz diňe bir kolhoz önümçiligi bilen däl, eýsem kolhozçylaryň özleri bilen hem ýygy aragatnaşykda. Ynha, şu üstümizdäki aýyň başlaryndady öýdýän, ähli öýlere diýen ýaly ýekeme-ýeke, girip çykdyk, oba Sowetoňem how, işi gutaranok – diýip, Döwli şol gürläp otyrdy.

Ýöne ol hernäçe gürlese-de, haýsy brigadalaryň özaralarynda ýaryşýandygyny, şeýle hem kolhoz boýunça geçen ýyl her gektardan näçe sentner pagta hasylynyň alnandygyny bilenokdy.

Öňdebaryjy ýygymçylaryň islegleri boýunça konsert bermek diýen ýaly zatlar-a asla onuň ýadyna-da düşenokdy.
Habarçy onuň gürrüňiniň arasyny böldi-de, ikinji soragy orta atdy.
– Hawa, Döwli aga, meniň eşidişime görä, maldarçylygam siziň hojalygyňyza iň esasy pudaklaryň biri ýaly. Şolara medeni hyzmatyň ýola goýluşy nä derejede?
– Ýoldaş Saparow, Siziň aýdýanyňyzyň dogry bolaýmagam ähtimal. Ine hut şonuň üçinem biz maldarlar barada aýratyn alada edýäris – diýip, Döwli ýene-de tükezzybana tutduryp ugrady. Ýogsa-da, şu gurçuk janawarlaram maldarçylyga degişlim-aý? – diýip, ol gürrüňinin arasynda habarçydan sorady. Saparow onuň soragyna çalarak ýylgyrdy. Soňra «Hawa, aýdyberiň» diýip, nämedir bir zatlary bloknotuna belleşdirdi.
– «Hawa» bolsa diňle, medeni hyzmaty biz diňe bir maldarlara däl, eýsem hut mallaryň özlerine-de edýäris. Kolhozymyzyň ýüpek gurçuklary bizden nägile bolup bilmezler. Her ýyl gurçuk wagty ynha, şu kluby biz şolara başy bilen berýäris. Han özleri, soltan özleridir, näme edeýin diýseler, olaryň towugyna tok diýýän ýokdur, kimden sorasaňam aýdar. Olaryň pianinonyň içine girip pile sarap ýörenlerem bar how, biz şonda-da geçirimlilik edýäs, zat diýemzok. Aslynda arkalaşyk diýilýän zat gowy zat, biz şonam edýäs, dogrusy, ondan görýän zyýanymyzam ýok. Onsoňam: «Söýenişen ýykylmaz» diýipdirler ahyryn…
Saparow klub müdirine ýene bir sorag berip gördi. Öňki soraglara berlen jogaplar soňkularyň ýanynda toýlaýmalydy. Şonuň üçinem ol derrew gaýtmak bilen boldy.
– Beren gürrüňiňiz üçin sag boluň, Döwli aga. Gazet sahypasynda duşuşýançak – diýip, habarçy çykyp gitdi.
Şondan soň geçen bolsa bir hepde geçendir-dä, oblast gazetiniň sahypasynda «Tanyş boluň, gepleýär Döwli» diýen feleton peýda boldy. Ony okap gören oba adamlary Döwlini «gutlamak üçin» alňasaýardylar. Oňa ilkinji sataşanam kolhozyň şofýory Myrat boldy.
– Döwli aga, gutlaýas, gazetde «öwüp» arşa çykarypdyrlar, okansyň-la – diýip, ol kabinadan boýnuny uzadyp gygyrdy.
Öwgi sözüni eşiden Döwli: «Ýok» diýip, birneme ekezlendi.
– Onda okap gör, şu günki oblast gazetinde – diýip, Myrat maşynynyň gazyny köpeltdi. Döwli özi hakynda ýazylan feletony okap boldy-da:

– Be, habarçylaram ownapdyrlar-ow, şo diýen zadymy tapmadyň diýip, gör, kezzabyň ýazýan zadyny – diýip başyny ýaýkady.
Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar